# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ KARARY

2013ý. «11» ýanwar №12757 Aşgabat ş.

## Türkmenistanyň Pensiýa gaznasynyň wagtlaýyn ulanylmaýan serişdeleriniň we pensiýa toplamalarynyň maýa goýuma gönükdirilmeginiň Tertibini tassyklamak hakynda

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe ýurdymyzyň pensiýa ätiýaçlandyrmasy ulgamyny kämilleşdirmek, ilatymyzyň pensiýa üpjünçiligi babatda döwlet kepilliklerini we durmuş taýdan goraglylygyny üpjün etmek maksady bilen hem-de Türkmenistanyň Ilaty durmuş taýdan goramak hakyndaky kodeksiniň 18-nji maddasynda laýyklykda, **karar edýärin:**

1. Türkmenistanyň Pensiýa gaznasynyň wagtlaýyn ulanylmaýan serişdeleriniň we pensiýa toplamalarynyň maýa goýuma gönükdirilmeginiň Tertibini tassyklamaly (goşulýar).

2. Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministirligi we Türkmenistanyň Merkezi banky Türkmenistanyň Adalat ministirligi bilen bilelikde şu karardan gelip çykýan üýtgetmeleri we goşmaçalary Türkmenistanyň kanunçylygyna girizmek baradaky teklipleri bir aý möhletde taýýarlamaly hem-de Türkmenistanyň Ministirler Kabinetine bermeli.

3. Şu kararyň ýerine ýetirilişine Türkmenistanyň Ministirler Kabinetiniň Başlygynyň Orunbasary A.Goçyýew, Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministri B.Şamyradow, Türkmenistanyň Merkezi bankynyň müdiriýetiniň başlygy T.Japarow hem-de Türkmenistanyň Ýokary gözegçilik edarasynyň başlygy B.Atdaýew gözegçilik etmeli.

**Türkmenistanyň Prezidenti** **Gurbanguly Berdimuhamedow**